# Habakuk pygamberiň kitaby

## Giriş

Habakuk pygamber Hudaýdan gelen görnüşleri biziň eýýamymyzdan öň IIV asyrynda görýär. Şol döwürde Babyl şalygy dünýä agalyk sürýärdi. Pygamber babyllylaryň beýleki halklara edýän sütemlerini görüp, Rebbe şeýle sözler bilen ýüzlenýär:

*«Hilegärlere neneň jeza bermän çydaýaň, erbetler özlerinden dogryny ýuwudýarka, Sen näme dymýarsyň?»*

*1:13*

Reb hem muňa jogap berip, wagty gelende hereket etjekdigini, dogruçylyň bolsa iman bilen ýaşajakdygyny aýdýar.

Habakuk pygamber erbetleriň jezalandyryljakdygy baradaky pygamberlikleri hem aýdýar. Kitap onuň berk imanyny beýan edip, beýik Hudaýyň şanyna aýdylaýan öwgi nagmasy bilen tamamlanýar.

### Mazmuny


Habakuk şikaýat edýär we Reb jogap berýär 1:1—2:4
Erbetler jezalandyrlýar 2:5-20
Habakugyň doga-dilegi 3:1-19


## 1-nji bap

1 Habakuk pygambere aýanlyk üsti bilen gelen pygamberlik.

### Habakuk adalatsyzlykdan şikaýat edýär

2 Ýa Reb, haçana çenli medet diläp perýat edeýin?
Sen gulak salýaňmy?
Zulumdan perýat edýän,
Ýöne Sen halas etmeýäň.
3 Näme üçin pisligi maňa gördürýäň?
Ýamanlyga neneň çydaýaň?
Zorluk we zulum gözümiň alnynda,
Uruş-galmagalyň, jenjeliň soňy gelenok.
4 Şonuň üçin kanunyň güýji ýok,
Adalata ýol ýok,
Erbetler dogruçyllardan üstün çykýarlar,
Şeýdibem, hakykat ýoýulýar.

### Rebbiň jogaby

5 «Milletlere serediň!
Haýran galyň!
Siziň günleriňizde
Etjek işimi eşideniňizde,
Gulagyňyza ynanmarsyňyz.
6 Özgeleriň ýurtlaryny eýelejek bolup,
Dünýäniň çar tarapyna ýöriş edýän
Rehimsiz we zalym babyl milletini
Size garşy öjükdürerin.
7 Aýylganç hem gorkunçdyrlar,
Öz düzgünlerine görä hereket edýärler.
8 Atlary barsdan ýüwrük,
Özlerem gijeki aç gurtdan guduz,
Atlylary uzakdan ýer gazap gelýär,
Aw üstüne topulýan bürgüt dek okdurylýarlar.
9 Zulum etmekde olaryň hyýaly,
Çölüň ýeli kimin öňe dyzaýar,
Ýesirleri çäge kimin toplaýarlar.
10 Patyşalary masgaralaýarlar,
Hökümdarlary ýaňsylaýarlar,
Galalaryň üstünden gülýärler,
Ýanynda depe ýasap, ele salýarlar.
11 Olar ýel kimin geçip gidýärler.
Bu günäli adamlaryň hudaýy — öz güýçleridir».

### Habakuk ýene-de Rebbe şikaýat edýär

12 Owaldan bar bolan Sen dälmi, ýa Reb?!
Mukaddes Hudaýym biz ölmeris!
Eý, Reb, babyllary bize höküm etsin diýip saýladyň,
Eý, Gaýam, olary bize jeza bersin diýip bellediň.
13 Pisligi görerden päkdir gözleriň,
Ýamanlyga seredip bilýän dälsiň Sen,
Hilegärlere neneň jeza bermän çydaýäň,
erbetler özlerinden dogryny ýuwudýarka,
Sen näme dymýarsyň?
14 Sen ynsanlary deňizdäki balyklar ýaly,
Serdarlary bolmadyk süýrenijiler ýaly etdiň.
15 Duşmanlar olary çeňňek bilen tutýarlar,
torlary bilen awlaýarlar,
giň torda gyra çekip çykarýarlar.
Muňa şatlanyp, heşelle kakýarlar.
16 Olar hudaýlary hökmünde toruna gurbanlyk berýärler,
Toruň hatyrasyna ýakymly ysly tütetgi ýakýärlar,
Çünki tory olary lezzetli durmuş,
Bol saçak bilen üpjün edýär.
17 Torlaryny boşatmagyny dowam ederlermi?
Milletleri rehimsizlik bilen gyrarlarmy?